# Atalar ýaş ölýär

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Atalar ýaş ölýär

ATALAR ÝAŞ ÖLÝÄR

Şeýle bir tiz geçýär arzyly bahar.
Arzyly güllerem diýseň tiz solýar.
…Biz olara uzak ömür dileýäs,
Atalar ýaş ölýär,
Örän ýaş ölýär.

Ilkinji perzendi inensoň dünýä,
Müňläp duýgy peýda bolýar olarda.
Aýy-güni ölçeglidir, ölçegli,
Her sagady geçýär aladalarda.

Birje zady peşgeş berse ogluna,
Ikinji sowgada ýetişmän galýar.
Şeýdip köýüp gidýär ýüzläp posalar,
Atalar ýaş ölýär,
Örän ýaş ölýär.

Ogly jahyl çykyp, murty tabanda,
Ýene-de böwürde köpelýär-sanjy…
Kä şirin arzuwlar ganat beklese
Käte-de olary ýatyrmaz ünji.

Begenerler seň ýönekeý ýeňşiňe,
Büdreseň ýüregne gyzyl ot salýar.
Käsi agtyklarnam görüp bilenok,
Atalar ýaş ölýär.
Örän ýaş ölýär.

Ogullaň sakgaly dönüp ak gara,
Ýa hataryň ýaşulsy bellenen wagty.
Atalar şonda-da çaga saýýandyr,

Diýer: «Körpämiziň açylsyn bagty!

Ýadanoklar, mydam akyl berýärler.
Ýene aýdylmadyk sözleri galýar.
…Ýüz ýylyň gyşyny gyşlan bolsa-da
Barybir,
Atalar örän ýaş ölýär.

Italmaz NURYÝEW.

Goşgular